# Agyr meseläniň ýeňil çözgüdi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Agyr meseläniň ýeňil çözgüdi AGYR MESELÄNIŇ ÝEŇIL ÇÖZGÜDI



Keýpi-sapa,
Jebir-jepa…
Adam ölenden soň bar zat gutarýar.
Ukuda sen,
Geýdirerler biýz mata.
Mesgeniňdir toprak, däldir al asman.
Ýalaňaç jaýlanýar ahyr musulman.
Dursuň şuňa akyl kesmän.
Prawoslawam dälsiň,
Dälsiň katolik.
Üç müň ýyl mundan öň zere gaplanan,
Tapawudyň näme Tutanhamondan,
Bolsa-da ol beýik faraon döli,
Senem öli,
Olam öli,
Behişt, dowzah ýolun döreden Adam,
Pygamber aklyny ýöreden Adam,
Diýmerin nadan.
Ýöne öleňden soň gutarýar bar zat,
Neçün muňa düşünmeýär adamzat?!.

12.03.2024. Goşgular